***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ýene bir taryhy waka beslendi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz türkmen sportunyň halkara abraýyny belende galdyran, halkara bilim bäsleşiklerinde gazanan ýeňişleri bilen Watanyň şanyna şan goşan ýaşlary sarpalap, olaryň berekellasyny, sylag-serpaýyny ýetirdi. Has dogrusy, düýn hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň dabaralaryna beslenen şanly ýylda halkara derejede üstünlik gazanan türkmen ýaşlarynyň uly topary Şa serpaýlarynyň eýesi boldy.***

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň sport ulgamynda-da halkara derejeli ösüşler gazanylýar. Bu ugurda köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketiniň, ýokary netijeli sportuň ösdürilmegi, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan maksatnamalaýyn strategiýanyň aýrylmaz bölegidir. Sportuň Olimpiýa görnüşleri üçin niýetlenen häzirki zaman sport desgalarynyň gurulmagy, türgenleriň, tälimçileriň we beýleki sport hünärmenleriniň taýýarlanylmagy üçin döwletimiz tarapyndan ägirt uly maýa goýumlar gönükdirilýär.

Diýarymyzda sport hereketini ösdürmek babatda giň mümkinçilikler döredildi. Ähli welaýatlarda zerur enjamlar bilen üpjün edilen sport-sagaldyş, atçylyk sport toplumlary, köpugurly stadionlar, sport mekdepleri we beýleki ugurdaş desgalar guruldy. Paýtagtymyzda, welaýat merkezlerinde dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň enjamlary bilen enjamlaşdyrylan lukmançylyk, sagaldyş hem-de anyklaýyş merkezleri gurlup ulanmaga berildi. Şeýle binýatlaýyn esasda halkara ölçeglere laýyk gelýän sport-sagaldyş ulgamyny döretmekde uly üstünlikler gazanyldy. Täzeçil çözgütler esasynda gurlan Arkadag şäherini muňa anyk mysallaryň biri hökmünde görkezmek bolar. Bu ýerde köpugurly sport toplumy, suw sport toplumy, 10 müň orunlyk stadion gurlup, şäheriň Bedenterbiýe we sport baradaky baş müdirligi döredildi. 2023-nji ýylda Arkadag şäheriniň adybir futbol toparynyň döredilmegi Watanymyzyň sport durmuşynda möhüm ähmiýetli waka boldy.

Umuman, sport ulgamynda gazanylýan üstünlikler, türkmen türgenleriniň halkara derejeli ýaryşlardaky ýeňişleri ata Watanymyzyň halkara abraýyny has-da belende galdyrýar.

**Selbi AMANOWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň müdiri.**

Все права защищены

save pdf date >>> 02.02.2026